# Güýz ýazgylary

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Güýz ýazgylary

Gowy adamlar gowulyga guwanýar. Erbetligi ýigrenýär. Erbet adamlaryň gözüne diňe erbetlik görünýär. Olar iň ajaýyp adamlaryň iň gowy sypatlaryny-da erbetlige ýormagy başarýarlar.

■ SADA ADAM HAKYNDA: "Bilgeşlinden sadasyran bolýar. Baryp ýatan mekir. "

■ ASYLLY GELIN HAKYNDA: "Asyllylyk oňa sürtseňem ýokmaz. Il gözüne asyllysyran bolyar."

■ OWADAN ZENAN HAKYNDA: "Gije -gündiz özüne serenjam berip, ýuwnyp – ardynyp, bir gyldan bezenip yörensoň bir zatdyr-la. Wah, ýogsa onda owadanlyk näme işlesin. "

■ ÝETMİŞ ÝAŞYNYŇ ÖŇÜSYRASYNDA ÝOGALAN ABRAÝLY, ULY ZEHINLI ADAM HAKYNDA: "Görgüli geroý boljak bolup, näçe ölmejek bolup çytraşdy welin, bolmady. (Soňra bolsa gynanansyrap) Wah, ýene-de 3-4 aýjyk ýaşaýmaly eken – dä… "

■ ZÄHMETSÖÝER ADAM HAKYNDA: "Öler ýaly işleýär… Nebsiniň gara eşegi! "

■ ARASSA ADAM HAKYNDA: "Arassadyr öýdýäňizmi?! Saman astyndan suw goýberendir… "
Olar näme üçin adamyň gowy tarapyny görmek islemeýärlerkä. Bu soraga dana atalar birmahal jogap beripdir: "Ogram özüni osýar, orramsam. "

Jemgyýetçilik tankydy